PHILIPS

AC0650




# Ulanyjy gollanmasy

# Mazmuny


**1 Möhüm** ........ **2**
Howpsuzlyk ........ 2
Ýönekeýleşdirilen ÝB Laýyklyk beýannamasy ........ 3

**2 Howany arassalaýjyňyz** ........ **3**
Önüme umumy syn ........ 3
Dolandyryş elementlerine umumy syn ........ 4

**3 Howany arassalaýjyny ulanmak** ........ **4**
Süzgüji gurnamak ........ 4
Wi-Fi görkezijisine düşünmek ........ 5
Wi-Fi birikmesi ........ 5
Elektrige birikdirmek ........ 6
Açmak we öçürmek ........ 6
Iş tertibini üýtgetmek ........ 6
Zawod sazlamalaryna gaýtaryp eltmek ........ 7

**4 Arassalamak** ........ **7**
Arassaçylyk rejesi ........ 7
Howany arassalaýjynyň korpusyny arassalamak ........ 7
Süzgüjiň ýüzüni arassalamak ........ 7

**5 Süzgüji çalşyrmak** ........ **8**
Saglyga peýdaly howany goraýyş gulpuna düşünmek ........ 8
Süzgüji çalyşmak ........ 8
Süzgüji nol etmek ........ 8

**6 Ammarda saklamak** ........ **9**

**7 Meseleleri anyklamak we çözmek** ........ **9**

**8 Bildirişler** ........ **11**
Elektromagnit meýdanlar (EMF) ........ 11
Zibile zyňmak ........ 11

**9 Kepillik we goldaw** ........ **11**
Ätiýaçlyk şaýlary ýa-da kömekçi enjamlary sargyt etmek ........ 11

# 1 Möhüm

## Howpsuzlyk

Enjamy ulanmazdan ozal şu ulanyjy gollanmasyny üns bilen okaň we ony geljekde gollanmak üçin saklaň.

Iň oňat öndürijiligi üpjün etmek çin arassalaýjyňyzy iň täze wersiýa beýgeltmegi maslahat berýäris. Air+ programmasynyň üsti bilen beýgeldip bilersiňiz.

### Howp

- Tok urmagynyň we/ýa-da ýangynyň döremeginiň öňüni almak üçin enjamy suw we islendik başga suwuklyk bilen ýa-da (ýanyjy) arassaçylyk serişdesi bilen arassalamaň.
- Mör-möjekleri öldürýän dermanlar ýa-da ys berijiler ýaly ýanyjy maddalary enjamyň golaýynda pürkmäň.

### Duýduryş

- Enjamy toga dakmazdan ozal enjamda görkezilen güýjenmäniň ýerli elektrik ulgamyndaky güýjenme bilen gabat gelýändigini barlaň.
- Elektrik kabeline zeper ýeten bolsa, howpuň öňüni almak üçin onuň Philips tarapyndan, Philips ygtyýarly tehniki hyzmat merkezi ýa-da şoňa meňzeş ygtyýarly şahslar tarapyndan çalşyrylmagyny üpjün etmeli.
- Laýyklaýja, elektrik kabeline ýa-da enjamynň özüne zeper ýeten bolsa, enjamy ulanmaň.
- Diňe enjam bilen üpjün edilýän tassyklanan laýyklaýjyny (KA1201A-2400500EU ) ulanyň.
- Enjamy 8 ýaşyny dolduran we has uly ýaşly çagalar, şeýle hem enjamy howpsuz görnüşde ulanmak boýunça gözükdirijiler berlen ýa-da howpsuz ulanmak boýunça gözegçilik astyndaky we degişli howplar özlerine mälim edilen ýagdaýynda fiziki, duýgurlyk ýa-da zehin ukyplary pes ýa-da tejribesi we bilimi bolmadyk şahslar hem ulanyp biler.
- Çagalar enjam bilen oýnamaly däl.
- Çagalar gözegçilik astynda däl wagty enjamda arassaçylyk we abatlaýyş işlerini geçirmeli däl.
- Howa girelgesini we çykalgagyny ýapmaly däl, mysal üçin howa çykalgasynyň üstüne ýa-da howa girelgesiniň öňüne närseleri goýmaly däl.
- Howa çykalgasyndan nätanyş jisimleriň enjamyň içine gaçmaýandygyna göz ýetiriň.
- Standart WiFi interfeýsi 802.11b/g/n, 2,4 GHz tizlige esaslanyp, aňryçäk çykyş güýji 100 mW EIRP bolup durýar.
- Bluetooth version 5.0 (LE) 10 mWt-dan az EIRP çykyş güýji bilen 2.4 GHz ýygylykda.

### Seresap boluň

- Bu enjam adaty howalandyryş ulgamynyň, tozan sorujynyň ýa-da nahar bişirilýän wagty ulanylýan howa sowujynyň ýa-da ýelpewajyň ornuny tutmaýar.
- Enjamy elmydama gury, tekiz we kese ýeriň üstünde ýerleşdiriň we ulanyň.
- Enjamyň öňünde we gapdallarynda azyndan 20 sm, enjamyň ýokarsynda bolsa azyndan 30 sm boşluk galdyryň.
- Enjamyň üstünde oturmaň ýa-da dik durmaň. Enjamyň üstüne hiç zat goýmaň.
- Howadan suwa öwrülýän damjalaryň enjamyň üstüne dammagynyň öňüni almak üçin enjamy gönüden-göni howany sowadyjynyň aşagynda goýmaň.
- Diňe şu enjam üçin ýörite niýetlenilen hakyky Philips süzgüçlerini ulanyň. Islendik başga süzgüçleri ulanmak bolmaýar.
- Süzgüjiň ýanmagy adamyň saglygyna yzyna gaýtaryp bolmajak zeper ýetirip we/ýa-da başga jandarlara howp abandyryp biler. Süzgüji ýangyç hökmünde ýa-da şoňa meňzeş maksatlar üçin ulanmaň
- Enjamyň gaty närseler bilen (esasanam, howa girelgesine we çykalgasyna) urulmagynyň öňüni alyň.
- Bedene şikes ýetmeginiň ýa-da enjama zeper ýetmeginiň öňüni almak üçin howa çykalgasyna ýa-da howa girelgesine barmaklaryňyzy ýa-da başga närseleri girizmäň.

- Binanyň içinde mör-möjekleri kowmaga niýetlenilen tüsseli enjamlary ulanýan wagtyňyz ýa-da ýagly galyndylaryň, ýanýan ysly serişdeleriň ýa-da himiki tüsseleriň bar ýerinde şu enjamy ulanmaň.
- Enjamy gazly enjamlaryň, ýyladyjy enjamlaryň ýa-da ojaklaryň golaýynda ulanmaň.
- Enjamy başga ýere geçirmek, arassalamak, süzgüçlerini çalşyrmak ýa-da abatlaýyş işlerini geçirmek isleseňiz, hemişe ilki howany arassalaýjyny öçüriň, soňra onuň laýyklaýjysyny elektrik rozetkasyndan aýryň.
- Enjam diňe adaty iş şertlerinde öý hojalygynda ulanmak üçin niýetlenilýär.
- Enjamy çygly gurşawlarda ýa-da hammam, hajathana ýa-da aşhana ýaly çygly gurşawlarda ýa-da daşky gurşawyň temperaturasy ýokary bolan ýerlerde ulanmaň.
- Enjam uglerodyň monoksidini (CO) ýa-da radony (Rn) aýyrmaýar. Ony ýanmak bilen baglanyşykly amallarda we howply himikatlarda heläkçilik ýüze çykan ýagdaýynda howpsuzlyk enjamy hökmünde ulanmak bolmaýar.

## Ýönekeýleşdirilen ÝB Laýyklyk beýannamasy

Şunuň bilen DAP B.V. AC0650 görnüşli radio enjamynyň 2014/53/ÝB Düzgünnamasyna gabat gelýändigini beýan edýär. ÝB Laýyklyk beýannamasynyň doly teksti şu Internet salgysynda bar: **www.philips.com**.

# 2 Howany arassalaýjyňyz

Satyn almagyňyz bilen gutlaýarys we Philips dünýäsine hoş geldiňiz!

Philips tarapyndan hödürlenilýän goldawdan doly peýdalanmak üçin önümiňizi **www.philips.com/support**.

## Önüme umumy syn




*Diňe enjam bilen üpjün edilen laýyklaýjyny ulanyň.

## Dolandyryş elementlerine umumy syn




# 3 Howany arassalaýjyny ulanmak

## Süzgüji gurnamak

Ulanmazdan ozal süzgüjiň ähli gaplama materiallaryny aýryň.

**Bellik:** Süzgüji gurnamazdan ozal howany arassalaýjynyň elektrik dürtgüjiniň elektrik rozetkasyndan aýrylandygyna göz ýetiriň.




1 Esasyny enjamdan aýyrmak üçin ony sagadyň diliniň tersine towlaň.
2 Süzgüji enjamdan çekip çykaryň.
3 Howany arassalaýjy süzgüjiň ähli gaplama materiallaryny aýryň.
4 Süzgüji enjamdaky ýerine dakyň.
5 Esasyny ýerine dakyň we esasyny berkitmek üçin ony sagadyň diliniň ugruna towlaň.

# Wi-Fi görkezijisine düşünmek

| Wi-Fi şekiljiginiň ýagdaýy | Wi-Fi birikmesiniň ýagdaýy |
|---|---|
| Mämişi ýanyp-öçýär | Akylly telefona birigýär |
| Birsyhly mämişi ýanýar | Akylly telefona birigen |
| Ak ýanyp-öçýär | Serwere birigýär |
| Birsyhly ak ýanýar | Serwere birigen |
| Öçük | Wi-Fi funksiýasy öçürilen |

# Wi-Fi birikmesi

## Wi-Fi birikmesini birinji gezek sazlamak

1 Philips **"Air+"**programmasyny **App Store** ýa-da **Google Play** dükanyndan göçürip alyň we gurnaň.

2 Howany arassalaýjynyň elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyna dakyň we howany arassalaýjyny açmak üçin basyň.
   ↳ Wi-Fi görkezijisi birinji gezek mämişi reňkde ýanyp-öçýär.

3 Akylly telefonyňyzyň ýa-da planşetiňiziň Wi-Fi ulgamyňyza üstünlikli birigendigine göz ýetiriň.

**Bellik:**

- Smartfonyň birkemsiz görnüşde beýleki enjama çatylmagy üçin Blutooth funksiýasyny işlediň

4 **" Air+"** programmasyny işlediň we **"Add a device"** (Täze enjamy birikdirmek) ýa-da ekranyň ýokarsyndaky **"+"** düwmesine basyň. Howany arassalaýjyny öz ulgamyňyza birkdirmek üçin ekrandaky gözükdirijileri berjaý ediň.

**Bellik:**

- Bu gözükdiriji diňe howany arassalaýjy ilkinji gezek sazlananda degişli bolýar. Eger ulgam üýtgän bolsa ýa-da gurnamany gaýtadan ýerine ýetirmeli bolsa, "Wi-Fi birikmesini nol etmek" sahypa 5 bölümine serediň.
- Akylly telefonyňyza ýa-da planşetiňize birnäçe sany howany arassalaýjyny birikdirmek isleseňiz, ony ýeke-ýekeden ýerine ýetirmeli.
- Akylly telefonyňyz ýa-da planşetiňiz bilen howany arassalaýjynyň arasyndaky uzaklygyň 10 metrden azdygyna we aralarynda hiç hili päsgelçiligiň ýokdugyna göz ýetiriň.

## Wi-Fi birikmesini nol etmek

1 Howany arassalaýjynyň elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyna dakyň we howany arassalaýjyny açmak üçin basyň.

2 Sesli duýduryşy eşidýänçäňiz düwmesini 3 sekuntlap basyň.
   ↳ Howany arassalaýjy jübütleýiş tertibine geçýär.
   ↳ Wi-Fi görkezijisi mämişi reňkde ýanyp-öçýär.

3 **"Wi-Fi birikmesini birinji gezek sazlamak"** bölümindäki 3-4 ädimleri ýerine ýetiriň.

# Elektrige birikdirmek

**Bellik:** Tok urmak howpy! Üýtgeýän tok elektik kabeliniň dürtgüjini rozetkadan aýranyňyzda hemişe dürtgüji rozetkadan çekiň. Hiç haçan kabelden çekmäň.



Elektrik laýyklaýjysyny:
- Ilki bilen enjamdaky tok rozetkasyna dakyň.
- Soňra diwardaky rozetka dakyň.

# Açmak we öçürmek

## Bellik:

- Arassalamagyň iň oňat netijeliligi üçin gapylary we äpişgeleri ýapyň.

1 Howany arassalaýjyny açmak üçin onuň arkasyndaky kuwwat düwmesine basyň.
  ↳ Howany arassalaýjy deslapdan düzülen ýagdaýda awto tertibinde işleýär.

2 Howany arassalaýjyny öçürmek üçin kuwwat düwmesine gaýtadan basyň.

# Iş tertibini üýtgetmek

Iş tertibini geçirmek düwmesine basmak arkaly Turbo tertibini, Aralyk ýa-da Uky tertibini saýlap bilersiňiz. Howanyň hilini görkezýän düwmäniň ýagtylygy şol wagt işläp duran iş tertibini görkezýär:

- Uky tertibi-iň pes ýagtylyk
- Aralyk tertip - ortaça ýagtylyk
- Turbo tertibi-iň ýokary ýagtylyk



### Turbo iş tertibi

Turbo tertibinde howany arassalaýjy iň ýokary tizlikde işleýär.



### Aralyk tertip

Aralyk tertibinde howany arassalaýjy iň aralyk tizlikde işleýär.



### Uky tertibi

Uky tertibinde howany arassalaýjy pes tizlikde işleýär.

## Zawod sazlamalaryna gaýtaryp eltmek

Başdaky ýagdaýa getirmek üçin howany arassalaýjyny nol ediň.

Deslapdan saýlanan ulgamyňyz ýa-da Philips hasabyňyz üýtgände Wi-Fi birikmesini nol ediň.

- Bip sesini eşidýänçäňiz ⏻ bilen ⋯ düwmesini bilelikde 10 sekuntlap basyň.

# 4 Arassalamak

**Bellik:**

- Hiç haçan howa çyglandyryjysynyň islendik bölegini arassalamak üçin agardyjy ýa-da spirt ýaly iýiji, güýçli ýa-da ýanyjy arassaçylyk serişdelerini ulanmaň.

## Arassaçylyk rejesi

| **Ýygylyk** | **Arassaçylyk täri** |
|---|---|
| Zerur bolanynda | Enjamyň ýüzüni ýumşak gury mata bilen süpüriň |
| | Howa çykalgasynyň örtügini arassalaň |
| Dört hepdede bir | Süzgüjiň ýüzüni arassalaň |

## Howany arassalaýjynyň korpusyny arassalamak

Howany arassalaýjyda tozanyň toplanmagynyň öňüni almak üçin onuň içini we daşyny yzygiderli arassalaň.

1 Howany arassalaýjynyň içini hem-de daşyny arassalamak üçin ýumşak gury mata ulanyň.

2 Howa çykalgasyny hem gury, ýumşak mata bilen arassalamak bolýar.

## Süzgüjiň ýüzüni arassalamak

Süzgüjiň ýüzüni ýumşak çygly mata bilen süpüriň ýa-da süzgüjiň ýüzüni tozan sorujy bilen arassalaň.



Bellik:

- ýokary kuwwatly/senagat maksatly ulanylýan tozan sorujyny ulansaňyz, ol süzgüje zeper ýetirip biler.

# 5 Süzgüji çalşyrmak

## Saglyga peýdaly howany goraýyş gulpuna düşünmek

Enjam işleýän wagty NanoProtect süzgüjiniň iň amatly ýagdaýda bolmagyny üpjün etmek üçin şu enjam saglyga peýdaly howany goraýyş gulpy bilen enjamlaşdyrylan. Süzgüjiň hyzmat ömri tamamlanyp barýarka süzgüji çalşyrmak barada duýduryş ( ) gyzyl ýanmak bilen süzgüji çalşyrmalydygyny görkezýär.

## Süzgüji çalyşmak

**Bellik:**

- Süzgüji ýuwup ýa-da gaýtadan ulanyp bolmaýar.
- Süzgüji çalyşmazdan ozal elmydama howany sowadyjyny öçüriň we onuň dürtgüjini elektrik rozetkasyndan aýryň.




1 Esasyny enjamdan aýyrmak üçin ony sagadyň diliniň tersine towlaň.
2 Süzgüji enjamdan çekip çykaryň. Ulanylan filtri ýok ediň.
3 Täze süzgüjiň ähli gaplaýyş materiallaryny aýryň.
4 Täze süzgüji enjama dakyň.
5 Esasyny ýerine dakyň we esasyny berkitmek üçin ony sagadyň diliniň ugruna towlaň.
6 Howany arassalaýjynyň elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyna dakyň.
7 Enjamy açmak üçin kuwwat düwmesine basyň.
8 Süzgüjiň hyzmat ömrüni hasaplaýjyny nol etmek üçin 3 sekuntlap basyp saklaň.
9 Süzgüji çalşyranyňyzdan soň elleriňizi oňat edip ýuwuň.

## Süzgüji nol etmek

Süzgüji çalşyrmak barada duýduryş ( ) ekranda görkezilmänkä süzgüji çalşyryp bilersiňiz. Süzgüji çalşyranyňyzdan soň süzgüjiň iş ömrüni hasaplaýjyny elde nol etmeli bolarsyňyz.

1 Enjamy açmak üçin kuwwat düwmesine basyň.
2 Açylanyndan soň süzgüjiň hyzmat ömrüni hasaplaýjyny nol etmek üçin 10 sekundyň içinde iş tertibini geçiriş düwmesini 5 sekuntlap basyp saklaň.

# 6 Ammarda saklamak

1. Howany arassalaýjyny öçüriň we elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyndan aýryň.
2. Howany arassalaýjyny we süzgüjiň ýüzüni arassalaň (“Arassalamak” bölümine serediň).
3. Ammarda saklamazdan öň hli şaýlary howada guradyň.
4. Süzgüji howa geçirmeýän plastik gaplara oraň.
5. Howany arassalaýjyny, süzgüji salkyn we gury ýerde saklaň.
6. Süzgüji elläniňizden soň hemişe elleriňizi oňat edip ýuwuň.

# 7 Meseleleri anyklamak we çözmek

Bu bölümde enjamda öňüňize çykyp biljek umumy meseleler barada gysgaça maglumat berilýär. Meseläni aşakda berlen maglumatlar bilen çözüp bilmeseňiz, ýurduňyzdaky Müşderiler bilen işleşmek boýunça merkeze ýüz tutuň.

| Näsazlyk | Ähtimal çözgüdi |
|---|---|
| Enjam elektrik rozetkasyna dakylandygyna garamazdan işlemeýär. | • Süzgüji çalşyrmak barada duýduryş berlendigine garamazdan degişli süzgüji çalşyrmansyňyz. Şonuň netijesinde indi enjam gulplanypdyr. Şeýle bolsa, süzgüji çalşyryň we süzgüjiň iş ömrüni hasaplaýjyny nol ediň. |
| Howa çykalgasyndan gelýän howa akymy ozalkysyndan ep-esli pes. | • Süzgüjiň ýüzi hapa. Süzgüjiň ýüzüni arassalaň (“Arassalamak” bölümine serediň). |
| Enjamyň uzak wagtlap işläp durandygyna garamazdan howanyň hili gowulanmaýar. | • Gaplaýyş materiallarynyň süzgüçden aýrylandygyny barlaň.<br>• Süzgüjiň göwnejaý dakylandygyna göz ýetiriň.<br>• Otag örän uly ýa-da daşardaky howanyň hili ýaramaz. Arassalamagyň iň oňat netijeliligi üçin howany arassalaýjyny işledeniňizde gapylary we äpişgeleri ýapmagyňyzy haýyş edýäris.<br>• Binanyň içinde hapalaýjylaryň çeşmeleri bar. Mysal üçin, çilim çekmek, nahar bişirmek, ys berijiler.<br>• Süzgüjiň hyzmat ömri tamamlanyp barýar. Süzgüjiň ýerine täzesini dakyň. |
| Enjamdan birgeňsi ys çykýar. | • Enjamy birinji gezek ulananyňyzda ondan plastmassanyň ysy çykýar. Bu adaty ýagdaýdyr. Emma, hatda süzgüç aýrylanyndan soň hem enjamdan ýanyk ysy çykýan bolsa, Philips dileriňize ýa-da ygtyýarly Philips hyzmat ediş merkezine ýüz tutuň. Süzgüç birneme ulanylandan soň ys çykaryp biler, sebäbi ol binanyň içindäki gazlary özüne siňdirýär. Süzgüji gaýtadan ulanmak üçin ony gönüden-göni gün şöhlesiniň aşagynda guratmak arkaly süzgüji gaýtadan işjeňleşdirmek maslahat berilýär. Ys henizem aýrylmadyk bolsa, süzgüji çalşyryň. |

| Näsazlyk | Ähtimal çözgüdi |
| --- | --- |
| Enjamdan güýçli galmagal çykýar. | • Süzgüjiň gabynyň aýrylandygyny barlaň.<br>• Howanyň hili ýaramaz wagty enjam ýokary tizlikde işlär, bu bolsa öz gezeginde güýçli galmagala sebäp bolar. Enjamy gijesine ýatylýan otagda ulananyňyzda Uky tertibini saýlaň.<br>• Howa çykalgasyna islendik bir zat gaçsa, ol hem adaty däl gaty ses çykmagyna sebäp bolup biler. Enjamy dessine öçüriň, nätanyş närseleri enjamdan çykarmak üçin enjamy başaşak tutuň. |
| Süzgüji çalyşdym, emma enjam henizem süzgüji çalyşmalydygymy görkezýär. | • Ähtimal, süzgüjiň hyzmat ömrüni hasaplaýjyny nol eden dälsiňiz. Enjamy açyň. Soňra iş tertibini geçiriş düwmesini ( ) 3 sekuntlap ýitirim bolýança basyp saklaň. |
| Wi-Fi gurnamasy şowsuz. | • Enjamyňyzyň birigen routeri iki ýygylykda işleýän bolsa we ol häzirki wagtda 2.4Ghz ulgamyna birikmeýän bolsa, şol bir routerdäki başga bir zolaga (2.4Ghz) geçiriň we arassalaýjyňyzy jübütlemäge gaýtadan synanyşyň. 5Ghz ulgamlary goldanylmaýar.<br>• Internet tassyklaýyş ulgamlary goldanylmaýar.<br>• Enjamyň Wi-Fi routeriniň signallarynyň tutýan çägindedigine göz ýetiriň. Howany arassalaýjyny Wi-Fi routeriniň has ýakynynda ýerleşdirmäge synanyşyp bilersiňiz.<br>• Ulgamyň adynyň dogrudygyny barlaň. Toryň ady harp ýazylyşyna duýgurdyr.<br>• Wi-Fi parolynyň dogrudygyny barlaň. Açar söz harp ýazylyşyna duýgurdyr.<br>• “Wi-Fi birikmesi” bölüminde görkezilen gözükdirijilere eýerip täzeden gurnaň).<br>• Wi-Fi birikmesi elektromagnit ýa-da beýleki galtaşmalar tarapyndan kesilip bilner. Enjamy galtaşmalara ýol açyp biljek beýleki elektron enjamlardan uzakda saklaň.<br>• Mobil enjamyň uçar tertibinde däldigini barlaň. Wi-Fi ulgamyna birigeniňizde uçar tertibiniň öçürilendigine göz ýetiriň.<br>• Meseleleri anyklamak we çözmek barada giňişleýin hem-de täze maslahatlar üçin programmanyň kömek bölümine serediň. |

# 8 Bildirişler

## Elektromagnit meýdanlar (EMF)

Şu enjam elektromagnit meýdanlara sezewar bolmak boýunça degişli standartlara we düzgünnamalara gabat gelýär.

## Zibile zyňmak



Bu nyşan enjamy adaty öý hojalygy zibilleri bilen bilelikde zibile zyňmak bolmaýandygyny aňladýar (2012/19/EU)

Elektrikli we elektron önümleri aýratyn ýygnamak boýunça öz ýurduňyzyň düzgünlerini berjaý ediň. Dogry görnüşde zibile zyňmaklyk daşky gurşawa we adamyň saglygyna ýaramaz täsir ýetirýän netijeleriň öňüni almaga ýardam berýär.

# 9 Kepillik we goldaw

Versuni bu məhsulu satın aldıqdan sonra iki il zəmanət təqdim edir. Səhv istifadə və ya zəif texniki qulluq nəticəsində qüsur yaranarsa, bu zəmanət etibarlı deyil. Bizim zəmanətimiz qanuna uyğun olaraq istehlakı kimi hüquqlarınıza təsir göstərmir. Daha ətraflı məlumat əldə etmək və ya zəmanətlə bağlı müraciət etmək üçün **www.philips.com/support** saytına daxil olun.

## Ätiýaçlyk şaýlary ýa-da kömekçi enjamlary sargyt etmek

Bir şaýy çalşyrmaly bolsaňyz ýa-da goşmaça bir şaý almak isleseňiz, ýerli Philips dileriňize baryň ýa-da **www.philips.com/support**salgysyna giriň.

Şaýlary almakda mesele ýüze çyksa, ýurduňyzdaky Philips Müşderiler bilen işleşmek boýunça merkezine ýüz tutuň.

“Philips” we “Philips” Galkanly Gerbi “Koninklijke Philips N.V.” kompaniýasynyň bellige alnan söwda markalary bolup, olar lisenziýa esasynda ulanylýandyr.
Bu önüm “Versuni Holding B.V” kompaniýasy tarapyndan öndürilýär we onuň jogapkärçiliginde ýerlenýär. “Versuni Holding B.V” kompaniýasy bu önümiň kepillendirijisi bolup çykyş edýär.
2023 © Versuni Holding B.V.

AC0650_UM_v1.0 (09/08/2023)